# Goja esgeriñ gündeligi: Minaçynyñ merdanalygy

Category: Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Goja esgeriñ gündeligi: Minaçynyñ merdanalygy MINAÇYNYŇ MERDANALYGY



Onuň göreni görgi, edeni bergi, çekeni garageriş iş. Çünki Şamyrat ene-atadan juda ir jyda düşýär. «Atasyz ýetim, enesiz ýesir» diýilýär weli, bu ýigidi dünýä inderen mähribanlaryň hijisi oňa mähir siňdirmäge ýetişmeýär.
…Oder derýasynyň günbatarynda artilleriýa urgusy zerarly emele gelen Kýustrin giňişliginde biziň diwiziýamyzyň esgerleri hüjüme häzirlenýärdi. Şamyrat agşamara meniň ýanyma geldi-de, bir zatlar aýtmaga hyýallanýandygyny, ýöne näme üçindir ýaýdanýandygyny aňyp, mylaýym garşyladym. Onuň ýygralygy birneme ýazgynlaşdy. Demini uludan alyp, özüniň ýeke-ýalňyzdygyny, öz deň-duşy Duşemi dogany saýýandygyny ýaňzytdy.
…Garaňky gatlyşanda gana suwsanlaryň biziň alnymyzdaky garymynyň 40-50 metr meýdanynda pyýada goşuna garşy mina

goýlupmy ýa-da ýok, şony takyklamalydy. Muňa Şamyrat döwtalaplyk bildirende, maňa ýüzlendi:
– Seýitmämmet aga, tabşyrygyň ýeňil däldigini özüň bilýäň. Ser etege salnyp, kepen boýna çolanyp gidilýär. Birden ykbalym ters gelip, bolmasy iş bolaýsa, meň dostuma habar ýetireweri, ol Daşoguz etrabynda ýaşaýandyr.
Men Şamyradyň haýyşyny berjaý etjekdigime ony ynandyryp, ruhdan düşmezligi ündäp, göwünlik berdim.
Kyrk ýyl gyrgyn gelende, arasynda ajaly ýetýäniň pida bolýandygyny ýatlatdym.
Arman, Berlin operasiýasynyň üçünji güni men ýaraty bolup, hassahana düşdüm. Şol ýerde ýatyrkam, Şamyrada hat ýolladym. Emma ýazgym jogapsyz galdy. (Onuň ykbaly henize-bu güne deňeç nämälim).
23-nji gwardiýaçy Dno-Berlin şäherleriniň adyny göterýän «Gyzyl Baýdakly» atyjylyk diwiziýasynyň 18-nji aýratyn sapýorçylar batalyonynda ökde minaçy, gwardiýaçy esger, Horezm oblastynyň Ýangyaryk raýonynyň «Bolşewik» kolhozynda on sekizinji ýylda dünýä inen, otuz dokuzynjyda Daşoguzdan gulluga alnyp, Gyzyl Goşun hataryna giden Şamyrat Atajanow uruş Ýer togalagyna ýalnyny lowladyp ugran dessine durşuna oda öwrülip söweşýär. Jeňiň deslapky günlerinde gitlerçi ýurtbasarlaryň esgerleridir ofiserleriniň ençemesi paýhynlanyp, yza alaçsyz serpikmäge mejbur edilýär. Ýowuz ýowuň ilkinji pursatlarynda ok-ýaragyň ýetmezçiligi biziňkileriň hyrçyny dişledýär, şolaryň biri-de polkdaş dostum Şamyratdy. Kyrk ikiniň 7-nji aprelinde teni ýeňilräk ýaralanýar. Kyrk dördüň 24-nji ýanwarynda weli, agyr parçalanýar. Hassahanada saglygyny kadalaşdyryp, 19-njy gwardiýaçy Stalin hem-de Sibir atyjylyk korpusynyň düzüminde gana suwsanlara ot sowurýar. Edermenligi kyrk üçde «Batyrlygy üçin» medal bilen bellenýär. Yzysüre korpusyň serkerdesiniň 0140-njy buýrugy bilen kiçi serzant Şamyrat Atajanow «Gyzyl Ýyldyz» ordeni bilen mübäreklenýär.
Oder derýasyndan geçmek üçin görülýän taýýarlykda gwardiýaçy kiçi seržant, minagoýujy Şamyrada iň hüşgär razwedkaçy hökmünde juda jogapkärli tabşyryk ynanylýar. Hatarly buýrugy berjaý kylmakda inženerçilikdenem gowy baş çykarmalydy. Üşükli Atajanow oňa ezberlik bilen hötde gelýär. Faşistleriň alynky berkitmelerinde tanklaryňdyr beýleki agyr ýaraglaryň ötmeli ugurlaryndaky päsgelçilikleri anyklamalydy, ýoly minalardan

arassalamalydy.
Eserdeň Atajanow öz serkerdelik edýän bölümçesi bilen iň howply tabşyryklary ýerine ýetirýär, tankyň, pyýada goşunyň garşysyna goýlan minalary aýyrýar, simleri kesişdirýär. Köprüleriň howpsuzlygyny üpjünleýär.
Her ädimi ajal hatarly buýruga örän seresaply çemeleşýär. Sähel säwlik goýberdigiň ertirki hüjümde söweşdeşlerimiziň ençemesiniň ömür tanapynyň bimahal üzülmegi juda ähtimaldy. Söweşjeň tabşyryk diňe gije amala aşyrylmalydy.
Kyrk bäşiň 24-nji aprelinde Berliniň eteginde köpriniň minasyny aýryp ýörkä, Şamyrat üçünji gezek ýaralanýar, ýöne harby yumşy doly berjaý etmän, söweş meýdanyndan gaytmaýar. Her gadamy ölüme barabar şular kimin aýratyn tabşyryklaryň ençemesini gwardiýaçy kiçi seržant Şamyrat öz bölümçesi bilen doly ýerine ýetirýär.
23-nji gwardiýaçy atyjylyk diwiziýasynyň serkerdesiniň 038-nji buýrugy bilen kyrk bäşiň 30-njy aprelinde Atajanow «Şöhrat» ordeniniň üçünji derejelisine mynasyp bolýar.
Oder derýasynyň kenarlaryndaky gitlerçileriň berkitmesini böwsen hem-de Berlinde nemesleriň gabawa düşen diwiziýasyny derbi-dagyn edip, ýokary serkerdeleriň tabşyryklaryny doly berjaý edenligi üçin biziň 23-nji gwardiýaçy atyjylyk Dno diwiziýamyza Yokary Sowetiň Prezidiumynyň kyrk bäşiň 28-nji maýyndaky permany bilen Berlin şäheriniň ady dakyldy. 68-nji gwardiýaçy atyjylyk polky Suworow ordeniniň üçünji derejelisi bilen sylaglandy. Rigany faşistlerden azat edenligi üçin Ýokary Sowetiň Prezidiumynyň permany bilen kyrk dördüň 31-nji oktýabrynda «Aleksandr Newskiý» ordeni gowşuryldy. 66-njy gwardiýaçy atyjylyk polky «Aleksandr Newskiý» ordeni bilen mübäreklendi. 63-nji gwardiýaçy atyjylyk polky Kutuzow ordeniniň üçünji derejelisine mynasyp boldy.
23-nji gwardiýaçy «Gyzyl Baýdakly» Dno-Berlin atyjylyk diwiziýasy Berlin operasiýasynyň başlanan gününden, ýagny kyrk bäşiň 16-njy aprelinden 2-nji maýyna çenli gitlerçileri kül-peýekun etdi.
Gana suwsanlaryň 5010-synyň jany jähenneme iberildi. Toba gelenleriň 3500-si ýesir alyndy. Tanklaryň 21-si, her hili toplaryň 49-sy, pulemyotlaryň 226-sy, awtoulaglaryň 443-si, bronetransportyorlaryň 37-sidir harby enjamlaryň beýlekileriniň ençemesi hatardan çykaryldy.
Gyzyl Goşunyň esgerleri, Oguz han atamyzyň usulyna gol ýapyp,

amana gelenlere güýç ulanmady. Ýaragly garşylyk görkezenler etmişlerine görä jezasyny aldy.
Beýik Ýeňşiň öňüsyrasynda nemesleriň kän-kän harby tehnikasy, tanklary, özi hereketlenýän ýaraglary, tüpeňleri, awtomatlary, parowozlary, awtoulaglary, oklarynyň ýüz müňlerçesi, harby enjamlar saklanýan iýmitdir geýim-gejim ammarlary, azyk ýükli wagonlary hem-de içi spirtli 60 tonnalyk çeleklerininiň 17-si ele salyndy.
*Maglumatlaryň alnan ýeri: Podolsk şäheri, Orsyýetiň GM MA 23-nji gwardiýaçy atyjylyk diwiziýasynyň 1097-nji belgili fondy, opisi 1, iş 2. Istoriki formulýar-1939-1946 ýyllar.*

Esgerlerimiziň der-gan döküp gazanan bu ýeňişlerinde merdana minaçy Şamyrat Atajanowyň mynasyp goşandy bar.

Seýitmämmet ORAZGELDIÝEW.

«Türkmenistan» gazeti, 15.04.2005 ý. Ýatlamalar